# Dogry, öň öleni synlamanym çyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Dogry, öň öleni synlamanym çyn DOGRY, ÖŇ ÖLENI SYNLAMANYM ÇYN

***Heniz bäbekliginden oňly saýlanmanka ýogalan Zülpi atly gyzymyzyň ýagty ýadygärligine***

Öýe gelsem el galdyryp, işe gitsem ugradyp,
«Däde» diýip, bilmeseň-de, diýrdiň şoňa meňzedip,
Sendiň gamy şatlyga, şagalaňa öwüren,
Sendiň işden gelemde, ilkinji gözüm düşen,
Adyň saýlap-seçilip, dakyldy mähir bilen,
Sen deý bägülden başga, bar diýseler ýalan,
Bäş aý bäri öýde toýdur şagalaň,
Sesi aýra geldi başga çagalaň.
Seniň gülkiň owazy bendi etdi özüne,
Gör sen ulalan çagyň… ulalmak ýokmuş saňa.
Sen bir päkdiň ylla güljagaz ýaly,
Özüň hemmä aldyrtdyň, ekdi guşjagaz ýaly,
Zülpi diýlip dakyldy zülpleriňe guwanyp,
Adyň ýatlan çagymyz, ot alýas, ýanyp-ýanyp,
Sen-ä myhman ekeniň, bilmändiris biz,
Hemem aldan ekeniň, duýmandyrys biz,
Ynha, iniň gyzypdyr, ýadymda, kyrka golaý,
Biriň suw, biriň elek, derman ýa emme alaý,
Almazdyň, alaýsaň-da, gaýtarardyň şo pursat,
Hiç zatdan tapman şypa, ýandyň, ýandyň göýä ot.
Daşyňda pel-pelläp, ene ganatyň,
Ýanyňda söýeg dur ata ýaratyň…
– Zülpi gyzym, körpe gyz! Razylygyň almaly!,
Bu seň mähribanyň sözi bolmaly.
Beýle bolar öýdüşip, pikir kellä gelmändi,
Sen deý göze ýakymly, heniz dünýä inmändi,

Sen öýmüziň bezegi, hem öýmüziň nagşydyň,
Gyzgynyň kyrk bolsa-da, her-hal ýene ýagşydyň.
Ogşadyk gaýta-gaýta, dem almasy kynlaşýa,
Gül gözleriň alardy, wagty ýetdi, hoşlaşýa,
Biz ugranda, şol ýatyşyň hem demiňi sana-sana,
Uly tama edilensoň, razy bolduk keselhana,
Äkitdiler keselhana, ýetirdiler emeli dem,
Iki günläp, ýürekleri perýat etdiň, tapmadyň nem.
Penjiräňden yzly-yzyna deň seretdi halalaryň,
Endam janyň saralypdyr, haýry ýokdy nalalaryň,
Daş-töwerek ak halatly, hereketler çaltlaşýa,
Şum ajaldan nala çekip, nurly gözleň bulaşýa,
Gijäň tümlüginde, üçüň ýarynda,
gowuşdy elime – Zülpi meniňki,
Depäm göge degdi hem monça boldum,
habarsyz ekenim, indi ýeriňki,
Dogry, öň öleni synlamanym çyn,
synlamagyň özi bar zatdan-da kyn.

10.08.1979. Goşgular